# Nukdaýnazar

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nukdaýnazar **NUKDAÝNAZAR**




*atly täze sahypamyza hoş geldiňiz!*
Uzak wagta çeken işlerimiziň netijesini gazanyp ugradyk. Şu günden şeýläk kitapcy.ru saýtynda hemişelik blogger-awtorlar topary işläp başlar.
Kitapçy saýtynyň ýörite awtorlygyna saýlanyp alynan bu toparyň sanawyny häzirlikçe okyjylara mälim etmekden saklanýarys. Ony «Nukdaýnazar» bölüminde berilýän gysga makalalara-kolonkalara syn salyp, okyjylaryň özlerem bilip biler.
Toparyň agzasy hepdäniň dowamynda öz saýlap alan günlerinde ýa gününde çykyş eder. Beriljek materiallar dürli temadan bolar, şol sanda okyjylardan gelen teklipler we haýyşlar nazarda tutulybam, dürli temalardan şüweleňli okaljak we ýokary reýting aljak materiallar taýýarlanyp bilner. Taýýarlanjak materiallar bir-iki word sahypadan uzak bolmaz. Şeýle gysga ýazgylar hem-ä internet okyjylaryna okamaga amatly bolar, hemem teswirlerde seslenmeleriň, bellikleriň, dürli pikirleriň gelmegine hyzmat eder. Bu bolsa ilkinji nobatda çykyş edýän bloggerlerimiziň özüne peýdasy deger.
Meseläniň saýtda öňden bäri dürli žanrdaky çeper eserleri, makalalary paýlaşyp gelýän awtor-agzalarymyzy az-uçuk gynandyrjak tarapy-da bar:
Saýt açylany bäri biziň bilen deň derejede saýta hyzmat eden, eserlerini paýlaşan ýa-da diňe seslenme ýazyp gelen @Bagabat, @Ataýew, @Gumlygelin, @Garaýolly, @Edebiýatçy, @Saparaý, @Sapa, @Şirhan, @Mähriban… ýaly az sanly agzalarymyzdan

başgasynyň tema goýmak mümkinçiligini çäklendireris. Elbetde, olary hem diňe öz eserlerini paýlaşmak şerti bilen awtorlarda galdyrýarys.
Beýtmek belli bir derejede saýtda goýulýan materiallary we gelýän seslenmeleri seýrekletjegini bilýänem bolsak, uzagyndan peýdaly boljagyna ynanýarys. Awtorlarda galdyrylan saýtyň islendik agzasy öz eserlerini paýlaşyp biler, emma jany sag gezip ýören döwürdeş ýazyjy-şahyrlarymyzyň (esasanam ýaşlaryň) eserlerini paýlaşmak çäklendiriler, ýazuw-pozuw bilen meşgullanýan ýaşlarymyzy edebi saýtymyzda görmek ýaly maksadymyzyň şeýle çäklendirmäniň diňe bir sebäbidigini bilmegiňizi isleýäris. Awtorlar başgalaryň eserleri göni özleri paýlaşman, saýtyň salgysyna ugratmaly bolar, diňe adminstrasiýanyň gözegçiliginden geçenden soň makul bilse, adminstratoryň özi paýlaşar.
**Gaçgynymyz birmeňzeşlik** – ýurdumyzyň çäginde hereket edýän saýtlardan alynan materiallary mundan beýläk alynan saýty görkezilenem bolsa, paýlaşmak gadagan ediler. Daşary ýurt saýtlaryndan alynan materiallar hem türkmen diline doly terjime edilen, ýalňyşsyz we alynan ýeri (saýty), awtory goýular. Anonim materiallar duýduryşsyz öçüriler.
Bu agzap geçenlerimiz diňe saýtyň beýleki bölümleri boýunça. Bu talaplaryň köpüsi awtorlarymyza öňdenem mälimdir.
Täze «Nukdaýnazar» bölüminde paýlaşyljak materiallar barada aýtmaly bolsa, elbetde, öňki paýlaşylan materiallaryň we paýlaşyljak çeper eserleriň bu bölüme we çykyş etjek awtorlara hiç hili dahylly ýeri ýok. Gürrüň «Nukdaýnazar» barada barýar. Ýaňam aýdyşymyz ýaly toparymyzyň agzasy diňe öz saýlap alan günlerinde ýa gününde çykyş eder. Şol sanda nobatdan daşary hem daşyndan tanymal ýazyjy-şahyrlarymyzyň, žurnalistlerimiziň «Nukdaýnazar» üçin ýörite makalalary beriler.
Belli bir sana ýetensoň, awtorlaryň çykyşlarynyň ýygyndysy aýry-aýry pdf kitap görnüşinde saýtyň kitaphanasynda ýerleşdiriler.
«Nukdaýnazarda» beriljek materiallar gysga, anyk, belli bir pikire ünsi çekip biljek dürli temadaky gysga makalalar bolar. Häzirlikçe talaplarymyz şulardan ybarat. Şeýle-de, okyjylardan

geljek dürli teklipleri we seslenmeleri-de göz öňüne tutjakdygymyzy hem bilmegiňizi isleýäris. Nukdaýnazar